# Saba pursatlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Saba pursatlary SABA PURSATLARY

Joşgunymy öňki melul duýgulaň,
Atlanasy gelýär daglaň gerşine.
Hany, kalbymdaky öňki ümsümlik?
Ajap, ajap mukam dolmuş durşuna.

Ne beýle çarpaýa galýarsyň, göwün
Jeýhun deýin joşup,
daşyp,
lasyrdap?
Ak daňdanlar horazlardan ir turup,
Nirelere uçsam diýýäň pasyrdap.

Saba ýellerinden ibermekçimi,
Ertir salamyny, arzuw-yhlasy.
Neresse çaga deý eziz halkyma,
Düşýär tylla Günüň elwan şöhlesi.

Gör-ä, zerli köýnegini geýipdir,
Yzly-yzlaryna guba çägeler.
Hany, birazajyk köşeş-le, göwün,
Lälik bolma, düşün-ä sen çaga däl.

Ataş bolup çar tarapa çabrama,
Sowaşan söýgini köretmek üçin.
Ygrarsyz düýnüme dolajak bolma,
Menden çyn aşygy döretmek üçin.

Jumadurdy SEÝITMYRADOW. Goşgular